# iOS 18.2.1 ýakyn wagtda çykarylar

Täze funksiýalar we üýtgeşmeler barada jikme-jiklikler heniz az. Şeýle-de bolsa, iOS 18.2.1-iň ýalňyşlyklary düzetmäge we howpsuzlygy ýokarlandyrmaga gönükdirilendigi ähtimal. Apple şu aýyň başynda Genmoji, Image Playground we ChatGPT bilen integrasiýa ýaly täze funksiýalary öz içine alýan iOS 18.2-ni çykardy.

Adatça, çykarylmanka Apple täzelenmeleri içerki synagdan geçirýär we iOS 18.2.1-iň ilkinji alamatlary analitik hasabatlarda peýda boldy. Bu synagyň doly güýjünde dowam edýändigini görkezýär diýip, neşir habar berýär.

Bu aralykda, iOS 18.3 hem işlenip düzülýär. Ol geçen hepde işläp düzüjilere we köpçülikleýin beta synagçylaryna elýeterli boldy we has möhüm täzelenmeler bilen ýanwar aýynda çykarylar diýlip garaşylýar.

Все права защищены